# Nädip türkmen edebiýatyny dünýä derejesine çykarmaly?

Category: Edebi tankyt,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Nädip türkmen edebiýatyny dünýä derejesine çykarmaly? NÄDIP TÜRKMEN EDEBIÝATYNY DÜNÝÄ DEREJÄ ÇYKARMALY?




Edil häzirki ýagdaýda biziň edebiýatymyz biziň özümize-de gyzykly däl, dünýewi dereje aňarda dursun. Ýöne edebiýata gyzykly bolmak zerurmy? Soňky döwür baýrak alýan edebi eserleriň köpüsi bir köpüge-de degenok, ýöne olar barybir dünýewi derejede baýraklara eýe bolup, köpçüliklere okamaga teklip edilýär. Şeýle eserleri okaňda köplenç öz özüňe şübhe döreýär. Sebäbi öňüňde Nobel baýragyna mynasyp bolan eser ýatyr, sen bolsa ol eserde ýitiren wagtyňdan başga hiç zat göreňok. Kellede adaty pikir döreýär, tutuş dünýe ýalňyşyp, boş esere uly baha berýärmi? Ýa-da sen eseriň gymmatyny göreňokmy? Köplenç şeýle jedelde tutuş dünýe ýeňýär. Sen bolsa samsyk görünmejek bolup eseriň ajaýyplygy bilen razylaşmaly bolýaň. Bar zada näme günäkär? Elbetde bar zada ýenede «masonlar» günäkär. Reklama islendik samramany beýik eser derejesine çykaryp bilýär. Reklamaň aňyrsynda bolsa masonlar dur. Eýsem masonlara belli belli eserleri arşa iteklemek nämä gerek? Jogap ýönekeý, mason pahyrlaryň belli bir maksatlary bar. Olar ýer ýüzünde adam sanynyň azalmagy bilen aladaly. Ýer ýüzünde adam näçe az bolsa, şonça-da masonlara bähbitli. Şu ýerden ýönekeý pikirler gelip çykýar. Eger Massonlar dünýe edebiýatynyň baş hemaýatkäri bolsalar? Başgaça aýdaňda adamlaryň haýsy eseri okamalydygyny, reklammaň we edebiýat baýraklaryň üsti bilen masonlar çözýän bolsa? Diýmek Dünýä edebiýaty masonlaryň maksatlaryna hyzmat edýär we ol maksatlar

biz ýaly adamlar üçün bähbitli däl. Ýöne başga bir tarapdan masonlaryň maksatlaryna garşy bolmaýan edebiýat eserleri dünýä meşgurlugyna eýe bolýarlar. Masonlaryň maksatlary bolsa ýönekeý, olar näme üçindir ýer ýüzünde adam sanynyň azalmagy bilen gyzyklanýarlar. Eýsem bu soragda edebiýat öz goşandyny bähili goşup biler? Nädip ýer ýüzünde, adam sanynyň azalmagyna edebiýat täsir edip biler? Bu gezek jogap ýönekeý däl. Adam sanyny azaltmak boýunça ädimler örän haýal bolany üçin biz olary göremzok, ýöne olar barybir bar. Indi bolsa belläp alyň, siziň ýazan eseriňiz massonlaryň göwnünden turar ýaly we adamlary gyrmak üçin kömek eder ýaly olar nähili bolmaly?

1) Ýer ýüzüniň adam sanyny azaltjak bolsaň ilki bilen «maşgala» atly belaň köküne palta urmaly. Edebi eserlerde baş gahryman ýalňyz bolmaly, onda hamala eje we kaka bolmadyk ýaly bolmaly. Eser ýalňyzlygyň wagyznamasyna öwrülmeli. Ýalňyz ýaşamak hemişe bähbitli bolup görünmeli. Eserde iň bolmanda birje maşgala dawwaly we jenjelli bolmaly. Eje bilen gyz düşünşmeli däl, ata bilen ogul. Baş gahryman maşgalada ýaşan döwürleri diňe ejir çeken bolmaly.

2) Ikinji problemma köp sanly çagaly maşgala. Edebi eserde agzalýan maşgalada çaga köp bolsa, şol maşgalany hökman garyp edip görkezmeli. Ondan başga çagalar bir biri bilen jet bolmaly. Dogan dogana duşman bolmaly.

3) Üçunji problemma gyzlar. Çagany nähili bolandada aýal maşgala dogurýar. Eger aýal maşgalalara täsir edip bolsa, dogulýan çagalaryň sanynam azaldyp bolýar. Eserlerdäki gyzlar güýçli bolmaly, erkeksiz oňup bilýän bomaly. Öý hojalykçy aýaly ýaramaz ýagdaýda sypatlandyrmaly. Oň tersine ýalňyz aýallary owadan we bagytly edip görkezmeli. Aýaly hemişe biwepa edip görkezmeli, erkek bolsa ony mydama bagyşlamaly.

4) Gyz oglan tapawudy ýok. Eserde azyndan bir «goluboý» bolmaly. Eger dünýä derejesinde galuboýlaryň sany köpelse, adam sanyny azaltmakda kiçijek goşant bolardy. Belli bolşy ýaly iki oglandan çaga dogulanok. Lezbiýankalar hem şol ugra degişli.

Ýokarda agazap geçen talaplarymyň baryny diýen ýaly, islendik eseriň suduruny zaýalaman ornaşdyryp bolýar. Talaplaryň gözelligi hem şonda, mysal üçin baş gahrymany aýaly taşlan bolmaly we ol öz ene atasyndan öýkeli bolmaly, çagalyk döwürlerini gynanç bilen ýatlamaly. Ýöne şol bir bada baş gahrymanyň geçmişi, kitabyň esasy sýužetyna känbir degişli bolmaly däl. Iň bolmanda baş gahryman tutuş eseriň dowamynda öz ene atasyny ýatlamaly säl.

Ýokarda agzalan talaplar praktikada nähili amala aşyrylýar? Sen bir eser ýazdyň we çapa alyp gitdiň. Seň eseriň bilen çaphana tanyş boldy we ýokarda agzalan talaplardan eseriň içine goşmaly diýip aýtdylar. Bolmasa seniň eseriň hiç wagt çapa çykmaýar. Saňa personažlaryň birini «gök» etmegi teklip etdiler. Elbetde birje personaž gögereni bilen seň eseriň känbir zaýalananok. Eger baş sýužeta zyýany ýok bolsa personaž maşgalasyz bolsa gowy. Eger maşgalaly bolsa oň ene atasy hökman aýrylşan bolmaly, ýa-da özi aýrylşan bolmaly. Aý garaz daş töwerekden bet bagyt maşgalaň ysy gelip durmaly.

Eger şeýle formatda ýazyp başlasak, biziň hem türkmen edebiýatymyz irde giçde dünýewi derejesine çykar. Ýöne şu ýerde ýene bir sorag döreýär. Ýer ýüzüniň adam sanyny azaltmakda masonlara ýa-da başga bir güýçlere kömek etmek näderejede dogry? Sebäbi şeýle edebiýat örän haýal bolsada aýal gyzlara we maşgala atly sistema zyýan ýetirýär. Jogap ýenede ýönekeý. Arkaýyn zyýan ýetiribermeli, sebäbi sen ýeke däl, ýazyjylaryň bary şeýle. Edil şu wagt dünýä belli ýazyjylaryň bary öz eserlerinde ýokarda agzalan talaplaryň baryny diýen ýaly ýerne ýetirýärler. Mysal üçin göräýmäne howupsyz ýaly «Garri Potter» eseri alyp göreli. Garri Potter öz maşgalasynda bagtsyz, onuň dosty Wizliň maşgalasy köp çagaly bolany üçin hemişe garyp. Garri Potteriň okaýan ýerindäki mugallymlaryň barynda maşgala ýok. Asla ol eserde Wizlilaryň maşgalasyndan başga hiç hili maşgala ýok. Eger maşgala bolaýandada olarda hemişe birje çaga bar.

Garaz ýazýan zadyň dünýewi derejä çykar ýaly ilki başda

masonlaryň göwnünden turmaly. Masonlaryň göwnünden turar ýaly bolsa, eseriň adamzadyň sanyny azaltmakda öz goşandyny goşmaly. Edebi tankyt